Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň
ýanyndaky Statistika boýunça pudagara geňeşiň mejlisiniň
1-nji teswirnamasy

Aşgabat şäheri 2019-njy ýylyň 24-nji maýy

Gatnaşdylar:

| | |
|---|---|
| H.A.Gurbanow | – Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy, Pudagara geňeşiň başlygy; |
| S.Ş. Welbegow | – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň orunbasary; |
| H.T.Taçjanowa | –Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary |
| M.Ä.Orazdurdyýew | – Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň orunbasary; |
| T.Siliýew | – Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary |
| R.Jumaýew | – Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministriniň orunbasary; |
| K.N.Mämmedow | – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministriniň orunbasary |

Şonuň ýaly-da mejlise TürkmenStatyň başlygynyň orunbasary G.G.Annanyýazowa, TürkmenStatyň başlygynyň orunbasary P.A.Kowusow, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň Salgyt ulgamyny düşindiriş we kämilleşdiriş bölüminiň uly salgyt inspektory Ş.Gurbanalyýewa, Türkmenistanyň Pensiýa Gaznasynyň Pensiýa ätiýaçlandyrmasy müdirliginiň başlygy G.S.Babaýewa, Türkmenistanyň Pensiýa Gaznasynyň Pensiýa gatançlaryny dolandyrmak müdirliginiň başlygynyň orunbasary M.T.Açylow, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Hasabatlar we maglumatlar bölüminiň baş hünärmeni S.Ataýewa, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Ykdysady seljeriş we meýilleşdiriş müdirliginiň başlygynyň orunbasary – ykdysady seljeriş bölüminiň başlygy P.A.Garabatyrow, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Ykdysady baha seljeriş bölüminiň başlygy P.Ataýew, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Statistika kafedrasynyň müdiri Ýa.Orazmämmedow,

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň Ykdysadyýet müdirliginiň başlygy A.Orazow, TürkmenStatyň Statistiki sanawlar we toparlamalar müdirliginiň başlygynyň w.ýe.ýe. K.D.Kadyrow, Milli hasaplar müdirliginiň başlygynyň w.ýe.ýe. G.A.Ataýewa, Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirliginiň başlygy A.M.Moşewa, şol müdirligiň Statistikanyň usulyýeti bölüminiň başlygy B.A.Gurbanowa çagyrylan wekiller hökmünde gatnaşdylar.

GÜN TERTIBI:

1. Hereket edýän Hojalyk subýektleriniň statistik sanawynyň (HSSS) binýadynda işewür sanawyň (biznes-registriň) döredilmegi bilen bagly meseleler

DIŇLENILDI: gün tertibiniň birinji meselesi boýunça TürkmenStatyň Statistiki sanawlar we toparlamalar müdirliginiň başlygynyň w.ýe.ýe. K.D.Kadyrowyň habary.

Häzirki wagtda HSSS "Statistika hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 10-njy maddasynyň "Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ygtyýarlylygy" we 21-nji maddasynyň "Hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy" esasynda hereket edýär.

HSSS Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawynyň maglumatlarynyň esasynda döredilýär we oňa üýtgetmeler girizilýär. HSSS statistik maksatlar üçin hereket edýär: kärhanalar we guramalar boýunça döwlet statistik gözegçilikleri, seçimleýin gözegçilikleri guramak we geçirmek üçin, jemleýji statistik maglumatlaryň emele getirilmegini üpjün etmek üçin ulanylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 28-nji awgustynda çykaran PB-645 belgili Buýrugyna laýyklykda TürkmenStat Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy bilen bilelikde «Milli hasaplar boýunça institusional we statistika mümkinçiligi pugtalandyrmak» taslamasyny durmuşa geçirýär. Şu taslamanyň çäklerinde beýleki wezipeler bilen bir hatarda, halkara standartlaryna laýyk gelýän işewür sanawyny (biznes-registri) döretmek hem meýilleşdirildi.

Ýokarda görkezilen çäräni durmuşa geçirmek maksady bilen, TürkmenStat şulary teklip edýär.

1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2015-nji ýylyň 23-nji noýabrynda çykaran 61 belgili buýrugy bilen tassyklanan Ýuridik şahslaryň we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň hojalygy ýörediji subýektleriniň statistik bellige alyş sanawy hakynda düzgünnamanyň (Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2015-nji ýylyň 7-nji dekabrynda 936 san bilen bellige alnan) 8-nji bendine laýyklykda Statistik bellige alyş sanawyndaky her bir birlige Hojalyk subýektleriniň umumy klassifikatorynyň bir nusga getirilen sanly kody berilýär. Bu kod sanlaryň birleşmesi bolup, özünde birlik ýa-da onuň alamatlary barada haýsydyr bir maglumaty saklamaýar. Ýuridik şahsalary bellige almak boýunça halkara tejribesini ornaşdyrmak maksady bilen HSSS-da ýuridik şahsyň identifikasion kodunyň girizilmegini teklip edýäris.

Identifikasion kod – bu dahylly, dahylly däl, baş kärhana, şahamça, wekillik, bellige alyş belgisi, barlag sany ýaly maglumatlaryñ belli bir toplumy bolup durýar. Ýuridik şahsyñ identifikasion kodunyñ gurluş düzüminiñ esasy hökmünde 10 belgili kody almak teklip edilýär. Bu wezipäni amala aşyrmak üçin Ýuridik sahslaryň we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy hakynda Düzgünnamanyň biznes-registrini ýöretmek, ýuridik şahslary bellige almak we derwaýyslaşdyrmak bölegininň gaýtadan seredilmegi zerurdyr.

2. Ýuridik şahslary döwlet tarapyndan bellige almagyñ döredilýän awtomatlaşdyrylan bir bitewi ulgamynyñ çäklerinde statistika edaralary tarapyndan halkara standartlaryna laýyk gelýän işewürlik sanawynyñ döredilmegi we ýöredilmegi üçin Türkmenistanyñ Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiñ Salgyt müdiriýetiniñ maglumatlarynyñ esasynda hususy telekeçileriñ maglumatlar binýadynyñ awtomatlaşdyrylan bir bitewi ulgamyna birleşdirilmegi zerur bolup durýar.

3. Ykdysady işleriñ görnüşleriniñ döwlet klassifikatory we Önümleriñ (önümleriñ we hyzmatlaryñ) döwlet klassifikatory klassifikasiýanyñ we tehniki-ykdysady kodlamagyñ we durmuş maglumatlaryñ Bitewi ulgamlarynyñ düzüm bölegi bolup durýarlar. Bu klassifikatorlar özara baglanyşykly we haýsy pudagyñ garamagyndadygyna we guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan öz işini Türkmenistanyñ çäklerinde amala aşyrýan ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýuridiki we fiziki şahslaryñ peýdalanmaklary üçin hökmany bolup durýar. Bu klassifikatorlaryñ esasynda taýýarlanan statistik maglumatlar dünýä derejesinde deñeşdirerlikdir. Klassifikatorlary kämilleşdirmek üçin TürkmenStat hemişe üýtgetmeleri girizmek barada “Türkmenstandartlary” döwlet gullugynda tassyklatmak üçin teklipleri berýär. Emma, ýokarda görkezilen iki klassifikatora Ykdysady işleriñ görnüşleriniñ we Önümleriñ (önümleriñ we hyzmatlaryñ) özara baglanyşygy babatynda doly derñew geçirilmegini, şeýle hem ykdysady işleriñ görnüşleriniñ we öndürilýän önümleriñ (önümleriñ we hyzmatlaryñ) atlarynyñ türkmen dilindäki görnüşine redaksion düzedişleri girizilmegini we soñundan “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullygynda tassyklatmagy zerur hasap edýäris. Şu maksat bilen TürkmenStat tarapyndan degişli ministrliklere we pudak edaralaryna resmi hatlar ýollanar.

**G.G. Annanyýzowa –** gün tertibine laýyklykda hereket edýän Hojalyk subýektleriniñ statistik sanawynyñ binýadynda işewür sanawyñ (biznes-registriñ) döredilmegi bilen bagly seredilen meseleleriñ biri – bu her bir birlige onuñ özi ýa-da onuñ alamatlary barada haýsydyr bir maglumaty saklaýan identifikasion kodunyñ berilmegi teklip edilýär. Şunuñ bilen baglylykda, TürkmenStat tarapyndan Ýuridik sahslaryñ we olaryñ aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniñ hojalygy ýörediji subýektleriñ statistik bellige alyş sanawy hakynda Düzgünnama gaýtadan seredilmäge degişli.

Işewür sanawyñ (biznes-registriñ) döredilmegi bilen bagly ýene bir mesele – bu ýuridik şahslar we telekeçiler barada maglumatlaryñ bir binýatda bolmagy, bu halkara standartlaryna laýyk gelýän işewürlik sanawyny döretmek üçin mümkinçilik berer. Statistik maksatlar üçin TürkmenStata telekeçiler barada

maglumatlar aýma-aý ýa-da çärýekleýin esasda elýeterli bolsa maksadalaýyk bolardy. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we onuň Salgyt müdiriýeti, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, banklar ýuruduk şahslary döwlet tarapyndan bellige almagyň bir bitewi awtomatlaşdyrylan ulgamyna birikdirilse TürkmenStat tarapyndan ýokarda agzalan Düzdünnama laýyklykda berilýän Maglumat hatynyň zerurlygy hem aradan aýrylar.

Şeýle hem, Ykdysady işleriñ görnüşleriniñ döwlet klassifikatory we Önümleriň (önümleriñ we hyzmatlaryñ) döwlet klassifikatory babatyndaky mesele – ähli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şol sanda TürkmenStat, bu klassifikatorlaryň peýdalanyjylary bolup durýar. Olarda geçýan ykdysady işleriñ görnüşleriniñ we önümleriñ we hyzmatlaryñ türkmen dilindäki atlary takyklanmaga degişli.

Pudagara geňeşiň mejlisinde seredilmegi üçin teklip edilýän meseleler barmy?

**S.Ş.Welbegow** – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan ýöredilýän Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawynyň kärhanalaryň, guramalaryň bitewi döwlet sanawynda diňe ýuridik şahslar bellige alynýar, hususy telekeçiler boýunça maglumatlar bu sanawa goşulmaýar we olary bir binýatda birikdirmek meselesi goşmaça öwrenilmäge degişli.

**KARAR:**

1.Ýuridik şahslaryň we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy hakynda Düzgünnama gaýtadan seretmegi TürkmenStata maslahat bermeli.

2.Ykdysady işiñ görnüşleriniñ döwlet klassifikatoryna we Önümleriň (önümleriñ we hyzmatlaryñ) döwlet klassifikatoryna gaýtadan seretmek we üýtgetmeleri «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullygynda tassyklatmak üçin zerur resminamalary taýýarlamak boýunça işleri guramagy TürkmenStata maslahat bermeli.

Karar biragyzdan kabul edildi.

Türkmenistanyň Statistika baradaky
döwlet komitetiniň ýanyndaky Statistika
boýunça pudagara geňeşiň başlygy H. A. Gurbanow

Pudagara geňeşiň mejlisiniň kätibi B.A. Gurbanowa